# Sähra möjegi hakynda

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Sähra möjegi hakynda SÄHRA MÖJEGI HAKYNDA

Sähra möjegi!
Aýan maña dertleriñ.
Tilkileşip bileňok sen,
Bilseñ-de,
Alga alynmaýanyny mertligiñ.

Harasat lowlaýar,
Ysyrganýañ gör, nämä,
Içinde çap-çal ýalnyñ.
Bu sähralañ epgegi deý uwlaýar,
Awuşaýar, juwlaýar,
Sähraýy kalbyñ.

Sähra möjegi!
Eý, sen agzy ganly gurt.
Iýseñ-de, iýmeseñ-de,
Töhmetler hem şyltaklar,
Tagmañ bolup galdy gurt.

Seniñki kyn,
Götermeli bir özüñ,
Bu sähralañ jezasyn hem namysyn.
Gaýrat et, şepe!
Sen sähranyñ görünmeýän hanysyñ.

Hemem hiç wagt ýaralanma,
Bardy-geldi ýaralansañ,
Ýaşyr ony!
Ýaşyr!
Ýogsam,
Agyz urup ýaralanan ýeriñden,
Iýer seni arslan ýa-da tilki däl,

Öz kowumdaşlañ.
Bu sähranyñ kanunydyr,
señki däl.

Hudaýberdi SÖHBETOW. Goşgular